# Sahyh Buhary: Namaz wagtlary kitaby

Category: Gurhany öwreniş we Hadys ylmy,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Sahyh Buhary: Namaz wagtlary kitaby




بِسْمِ اللهِ الرَّحْمَنِ الرَّحِيمِ
NAMAZ WAGTLARY KITABY

315 Bäş wagt namazyň okalmaly wagtlary hakda

Ygtybarly bir hadysda Abu Mesgut Ukba ibn Amr Ensary Bediriniň (r.a.) Yrakda wagty bir gün Mugyra ibn Şugbanyň (r.a.) ýanyna barandygy gürrüň berilýär. Ol gün Mugyra bir sebäp bilen ikindi namazyny gijikdiripdi. Abu Mesgut Ukba ibn Amr Ensary Bediri (r.a.) oňa ýüzlenip: «Ýa Mugyra, bu näme etdigiň boldy? Jebraýyl alaýhyssalamyň ýere inip namaz okandygyny, Allanyň

Resulynyň-da (s.a.w.) onuň yzynda durup namaz okandygyny, Jebraýyl alaýhyssalamyň ýene bir gezek namaz okandygyny, Allanyň Resulynyňam (s.a.w.) ýene onuň yzynda durup, namaz okandygyny, Jebraýyl alaýhyssalamyň ýene bir gezek namaz okandygyny, Allanyň Resulynyňam (s.a.w.) onuň yzynda durup namaz okandygyny, Jebraýyl alaýhyssalamyň ýene bir gezek namaz okandygyny, Allanyň Resulynyňam (s.a.w.) onuň yzynda durup, namaz okandygyny, soňra Jebraýyl alaýhyssalamyň ýene bir gezek namaz okandygyny, Allanyň Resulynyňam (s.a.w.) onuň yzynda durup, namaz okandygyny we soňra: «Ine, bu maňa emr edildi» diýendigini bilmeýärmiň?» diýipdir».

316 Hezreti Omardan (r.a.) soňra ýüze çykjak pitne hakda

Huzaýfa ibn Ýeman Absi (r.a.) şeýle diýipdir: «Bir gün möminleriň emiri Hezreti Omaryň (r.a.) ýanynda -otyrdyk. Ol: «Allanyň Resulynyň (s.a.w.) pitne hakyndaky sözlerini haýsyňyz ýat tutduňyz?» diýip sorady. «Men ýat tutdum. Edil aýdyşy ýaly edip» diýip seslendim. Omar: «Hakykatdanam sen bu babatda batyrgaýlyk görkezýärsiň!» diýdi. Men: «Adamyň öz aýaly, baýlygy, çagasy, goňşusy bilen baglanyşykly duçar bolýan pitnesi namaz okamak, oraza tutmak, sadaka bermek, adamlary gowy işe çagyrmak, ýaramaz işleri ýazgarmak arkaly dep bolar» diýdim. Onda Omar aýtdy: «Ýok, meniň soramak islänim bu pitne däl, ol deňiz nähili tolkun atýan bolsa, şonuň ýaly edip tolkun atýan pitnedir». Men: «Ýa möminleriň emiri, ol pitneden saňa zyýan gelmez. Çünki onuň bilen araňyzda gulply bir gapy bardyr» diýdim. Omar: «Ol gapy döwüljekmi, açyljakmy?» diýip sorady. «Döwüljek» diýdim. Ol: «Diýmek kyýamata çenli bagly durmajak-da» diýdi».
Biri Huzaýfaden: «Omar ol gapynyň nähili gapydygyny bilýärmidi?» diýip sorady. Ol hem: «Hawa, bu gijäniň daň atmazyndan öň geljekdigini bilşi ýaly bilýärdi. Meniň oňa aýdan sözümde ýalan-ýaşryk ýokdur» diýip jogap berdi.
Ondan ýene: «Ol gapy kimdir?» diýip soradylar. Huzaýfa: «Ol Omaryň özüdir» diýdi».

317 «We akymyssaläte tarafeýinnehäri we zülefen minelleýli»

aýaty-kerimesiniň inmeginiň sebäbi. Bäş wagt namazyň kiçi günäleri edenler üçin tobanyň ýerini tutmagy. Uly günäleri etmezlik şerti bilen wagtynda okalan bäş wagt namazlaryň aralarynda edilen günäleri ýuwmagy

Abdylla ibn Mesgut (r.a.) şeýle diýipdir: «Bir gezek bir adam keseki bir zenandan bir posa aldy. Ol adam Allanyň Resulynyň (s.a.w.) ýanyna gelip, bu ýagdaýy habar berdi. Şol wagt Allatagala: «We gündiziň başynda we aýagynda, gijäniň gündize ýakyn sagatlarynda namazlaryňyzy okaň. Hakykatdanam ýagşy işler ýaman işleri gidirer. Bu ýatda saklaýanlar üçin ýatlatmadyr» («Hud» süresiniň 114-nji aýaty) diýen aýaty-kerimäni inderdi. Ol adam: «Ýa Allanyň Resuly, bu diňe meniň üçinmi?» diýip sorady. Allanyň Resuly-da: «Ymmatymyň tutuşlygyna hemmesi üçindir» diýdi».
Buharynyň Ibn Mesgudyň (r.a.) adyndan beýan eden başga bir rowaýatynda: «Ymmatymdan bu aýata laýyklykda hereket etjek her bir adam üçindir» diýlipdir.

318 Allanyň iň gowy görýän amallary we ol amallaryňam iň başda geleniniň wagtynda okalan namazdygy hakda
Ýene Abdylla ibn Mesgut (r.a.) şeýle diýipdir: «Allanyň Resulyndan (s.a.w.): «Amallaryň haýsysyny Alla has gowy görýändir?» diýip soradym. Ol: «Wagtynda okalan namazy» diýdi. Men: «Onsoň haýsysyny?» diýip soradym. Ol: «Ejä we kaka edilen hyzmaty» diýdi. «Soňra haýsysyny?» diýip soradym. Ol: «Allanyň ýolunda edilen jihady» diýip jogap berdi».
Ibn Mesgut sözüni dowam edip, şeýle diýýär: «Bulary maňa Allanyň Resuly (s.a.w.) aýtdy. Soraglarymy şol tertipde dowam eden bolsam, ýene maňa habar berjekdi».

319 Bäş wagt namazyň günäleri ýuwjakdygy hakda

Abu Hüreýre (r.a.) şeýle diýipdir: «Bir gezek Allanyň Resulynyň (s.a.w.): «Hany siz aýdyň, biriňiziň gapyňyzyň öňünden bir akar ýap geçýän bolsa, olam günde şol ýapda bäş wagtyna ýuwunsa, bedeniniň kirinden bir zat galarmy? Muňa näme diýersiňiz?» diýendigini eşitdim. Ol ýerdäkiler: «Kirinden hiç

bir zat galmaz» diýdiler. Ondan soň Allanyň Resuly (s.a.w.): «Bäş wagt namazam, ine, şonuň ýalydyr. Allatagala olar bilen günäleri ýuwar, arassalar» diýdi».

320 Namaz okaňda sežde etmegiň düzgüni

Enes ibn Mälik (r.a.) şeýle diýipdir: «Allanyň Resuly (s.a.w.): «Sežde edeniňizde düzgün boýunça sežde ediň. Namaz okaýan adam gollaryny köpegiň edişi ýaly edip ýere ýazmasyn. Tüýkürjek bolsa-da öň we sag tarapyna tüýkürmesin. Çünki ol Rebbi bilen gizlin söhbet edýär» diýdi».

321 Güýçli yssa jähennemiň gaýnamagy sebäp bolýar. Tomsuň yssysynda öýle namazyny sergin wagta çenli yza çekmegiň müstehapdygy hakda

Abu Hüreýre (r.a.) şeýle diýipdir: «Allanyň Resuly (s.a.w.): «Yssy güýçlense, öýle namazyny salkyn düşýänçä yza çekiň. Sebäbi güýçli yssa jähennemiň gaýnamagy sebäp bolýar. Jähennem Rebbine: «Ýa Rebbim, bir bölegim beýleki bölegimi ýuwutdy» diýip, şikaýat etdi. Allatagala-da oňa iki gezek: gyşda hem-de tomusda dem almaga rugsat berdi. Biziň duýýan iň güýçli yssymyz we iň güýçli sowugymyz, ine, şudur» diýdi».

322 Yssy günlerde öýle namazyny yza çekmek hakda

Abu Zer Gyfary (r.a.) şeýle diýipdir: «Allanyň Resuly (s.a.w.) bilen bir ýörişe çykypdyk. Muýezzin (azançy) öýle namazynyň azanyny aýtmak isledi. Allanyň Resuly (s.a.w.): «Salkynlaýança garaş-da, şondan soň aýt» diýdi. Muýezzin birnäçe wagt geçenden soň ýene azan aýtmak isledi. Allanyň Resuly (s.a.w.) ýene: «Salkynlaýança garaş-da, şondan soň aýt» diýdi. Muýezzin tä depeleriň kölegeleriniň uzalandygyny görýänçäk garaşdy».
Buharynyň bu hadysa degişli rowaýatynda: «Ondan so¬ňra Allanyň Resuly (s.a.w.): «Yssynyň güýçlenmegine jähennemiň gaýnamagynyň sebäp bolýandygy şübhesizdir. Şonuň üçinem yssy güýçlenende, namazy howa salkynlaýança yza çekiň» diýdi» diýen goşmaça hem bar.

## 323 Içi güjükli we ýerliksiz sorag bermegiň gadagandygy hakda

Enes ibn Mälik (r.a.) şeýle diýipdir: «Bir gezek Allanyň Resuly (s.a.w.) gün günortadan aganda öz bagtyýar hüjresinden çykdy. Ol öýle namazyny okadandan soňra, münbere çykyp, kyýamatdan söz açdy. Ol gün örän beýik zatlaryň bolup geçjegini habar berdi. Soňra: «Menden bir zat soramak isleýän bolsa, sorasyn. Şu duran ýerimde näçe wagtlap dursam, şonça wagtlap menden soran zadyňyzy habar berjek» diýdi. Adamlar Allanyň Resulynyň (s.a.w.) gahary gelendigini görüp, zar-zar aglaşdylar. Allanyň Resuly (s.a.w.): «Menden soraň» diýip, birnäçe gezek gaýtalady. Şondan soň Abdylla ibn Huzäfe Sehmi (r.a.) ör turup: «Meniň kakam kimdir?» diýip sorady. Ol: «Kakaň Huzäfedir» diýdi. We ýene: «Soraň» diýmegini dowam etdi. Ondan soňra Omar ibn Hattap (r.a.) iki dyzynyň üstüne galyp: «Biz Allany Reb hökmünde, yslamy din hökmünde, Muhammedi (s.a.w.) pygamber hökmünde kabul we tassyk etdik» diýdi. Ondan soň Allanyň Resuly (s.a.w.) biraz dymyp durandan soň: «Maňa ýap-ýaňy şu diwaryň ýüzünde jennet bilen jähennem görkezildi. Men onuň ýaly haýry, onuň ýaly şeri heniz görmändim» diýdi».
Bu hadysyň bir bölegi «Ylym kitabynda» Abu Musa Eşgarynyň (r.a.) adyndan beýan edilipdi (81-nji hadysa seret). Ýöne bu ýerdäki rowaýat birneme uludyr we iki rowaýatyň sözleriniň arasynda tapawut bardyr.

## 324 Bäş wagt namazyň okalýan wagtlary

Abu Berze Nadle ibn Ubeýt Eslemi (r.a.) şeýle diýipdir: «Allanyň Resuly (s.a.w.) ertir namazyny howa her birimiz ýanynda oturany tanap biljek derejede aýdyňlaşan wagty okadardy. Ol bu namazda altmyşdan ýüz aýata çenli okardy. Öýle namazyny gün günbatara tarap meýil eden wagtynda okadardy. Ikindi namazyny-da şeýle bir wagtda okadardy: birimiz namazdan soň Medinäniň iň uzak ýerinde ýerleşýän öýüne dolanyp baranda-da gün ýaşmazdy».
Şu hadysyň rawysy Abu Minhal Saýýar ibn Seläme agşam namazy hakynda Abu Berzäniň näme diýendigini unudypdyr.

Soňra Abu Berze sözüni dowam etdirip, şeýle diýýär: «Allanyň Resuly (s.a.w.) ýassy namazyny gijäniň üçden birine çenli, gijäniň ýaryna çenli gijikdirmegi-de zyýanly hasaplamazdy».

325 Iki namazy birleşdirip okamak hakda

Abdylla ibn Apbas (r.a.) şeýle diýipdir: «Allanyň Resuly (s.a.w.) öýle namazyny we ikindi namazyny birleş¬dirip, sekiz rekagat edip we agşam namazy bilen ýassy namazyny birleşdiribem ýedi rekagat edip okatdy».

326 Ýassy namazyndan öň uklamagyň we ýassy namazyndan soň gürrüňleşip oturmagyň halanmaýandygy hakda

Abu Berze Nadle ibn Ubeýt Esleminiň adyndan aýdylan 324-nji hadys bu ýerde-de gaýtalanyp gelýär. Diňe Abu Berzäniň ýassy namazynyň wagtyndan söz açyp aýdan: «Allanyň Resuly (s.a.w.) bu namazdan öň uklan¬magyny we ondan soňra-da oturyp gürrüňleşilmegini halamazdy» diýen sözleri öňki hadysdakydan artykdyr.

327 Ikindi namazynyň wagty giräende okalyşy we yza çekilişi hakda

Enes ibn Mälik (r.a.) şeýle diýipdir: «Biz ikindi namazymyzy tamamlanymyzdan soň kimdir biri Amr ibn Awf ogullarynyň ýaşaýan ýurduna gitse, olaryň ikindi namazyny okap duran wagtlarynyň üstünden baryp bilerdi».

328 Ikindi namazynyň Gün heniz ýokardaka okalmalydygy hakda

Enes ibn Mälik (r.a.) şeýle diýipdir: «Allanyň Resuly (s.a.w.) Gün heniz ýokardaka we howry öçmänkä, ikindi namazyny okadardy. Namazdan soň Awali diýen ýere giden adam ol ýere baranda, gün henizem ýokarda bolardy».
Rowaýatçy (ýa Enes, ýa-da ondan rowaýat eden Zühri) şeýle diýýär: «Awaliniň käbir ýerleri Medineden dört mil ýa şoňa ýakyn uzaklykda ýerleşýär».

329 Ikindi namazyny geçireniň juda köp zat ýitirjekdigi hakda

Abdylla ibn Omar (r.a.) şeýle diýipdir: «Allanyň Resuly (s.a.w.): «Ikindi namazyny geçiren adam maşgalasyny-da, baýlygyny-da elinden aldyran adam ýalydyr» diýdi».

330 Ikindi namazyny terk eden kişiniň amaly biderek bolar

Büreýde ibn Husaýp Eslemi (r.a.) bulutly bir günde şeýle diýipdir: «Ikindi namazyny wagty giräen mahaly okaň. Sebäbi Allanyň Resuly (s.a.w.): «Kim ikindi namazyny terk etse, amaly biderek (batyl) bolar» diýdi».

331 Kyýamat gününde möminleriň Reblerini nädip görjekdikleri we ertir hem-de ikindi namazlarynyň ýerine ýetirilişi hakda

Jerir ibn Abdylla Bejeli (r.a.) şeýle diýipdir: «Bir gije Allanyň Resulynyň (s.a.w.) ýanyndadyk. Ol Aýa bakyp: «Şu Aýy hiç hili kynçylyk çekmän, rahat bir halda görşüňiz ýaly, Rebbiňizi-de, edil şonuň ýaly görjeksiňiz. Eger Gün dogmazyndan we batmazyndan öňki namazlaryň hiç birini terk etmezlik eliňizden gelse, olary okamaga çalşyň» diýdi».
Soňra Jerir (r.a.): «Gün dogmazyndan öňem, batmazyndan öňem Rebbiňi öwgi bilen tesbih et» («Tahä» süresiniň 130-njy aýaty) aýaty-kerimesini okapdyr.

332 Ikindi we ertir namazlarynyň artykmaç taraplary

Abu Hüreýre (r.a.) şeýle diýipdir: «Allanyň Resuly (s.a.w.): «Siziň araňyzda gije bolýan perişdeleri araňyzda gündiz bolýan perişdeler çalyşýarlar. Olar ertir we ikindi namazlarynda tapyşanlaryndan soň, öň ýanynda araňyzda bolan perişdeler göge galýarlar. Allatagala öz gullarynyň näme iş bilen meşguldyklaryny has gowy bilýän bolsa-da, ýene perişdelerden: «Gullarymy nähili ýagdaýda goýup gaýtdyňyz?» diýip sorar. Olaram: «Olary namaz okaýan wagtlary goýup gaýtdyk. Ýanlaryna baran wagtymyzam olar namaz okaýardylar» diýip, jogap bererler» diýdi».

333 Ikindi we ertir namazlarynyň bir rekagatlary okalmaly wagtlarynyň içinde we beýleki rekagatlary şol wagtyň daşynda

okalan ýagdaýynda, namazyň kabul boljakdygy hakda

Abu Hüreýre (r.a.) şeýle diýipdir: «Allanyň Resuly (s.a.w.): «Biriňiz ikindi namazynyň bir seždesin Gün batýança tamamlap bilse, onda namazyny tamamlasyn. Ertir namazynyň bir seždesini Gün dogýança tamamlanam, namazyny soňuna çenli okasyn» diýdi».

334 Möminleriň dünýäde galmaly wagtlary. Bu babatda Abu Musa Eşgarynyň aýdan hadysy

Abdylla ibn Omar (r.a.) şeýle diýipdir: «Men Allanyň Resulynyň (s.a.w.): «Hakykatdanam sizden öňki geçen ymmatlaryňky bilen deňeşdireniňde, siziň dünýäde galmaly wagtyňyzyň uzaklygy ikindi namazyndan Gün ýaşýança geçýän wagtyň uzaklygy ýalydyr. Töwradyň halkyna Töwrat berildi. Olar şonuň görkezmeleri bilen amal edip, gün günorta bolýança güýçden gaçdylar. Şondan soň olara bir kyrat agramdaky sogap berildi. Soňra Injiliň halkyna Injil berildi. Olar şonuň görkezmeleri bilen amal edip, ikindi namazynyň wagtyna çenli güýçden gaçdylar. Ondan soň olara bir kyrat agramdaky sogap berildi. Soňra bize Gurhan berildi. Bizem şonuň görkezmeleri esasynda Gün ýaşýança amal ederis. Ondan soň bize iki kyrat agramdaky sogap berler. Şonda öňki iki kitap berlen halkyň wekilleri: «Ýa Reb! Sen olara iki kyrat agramdaky, bize bolsa bir kyrat agramdaky sogap berdiň. Ýöne biz olardan has köp yhlas etdik ahyryn!» diýerler. Allatagala aýdar: «Sizi sogap bilen sylaglan mahalym heý bir adalatsyzlyga ýol berdimmi?» Olar: «Ýok» diýip, jogap bererler. Şonda Allatagala aýdar: «Ine, ol meniň keremimdir. Ony bolsa Men islänime eçilýärin!» diýendigini eşitdim».

335 Agşam namazyny wagty giräende okamak hakda

Rafi ibn Hadij Ensary Ewsi1 (r.a.) şeýle diýipdir: «Biz agşam namazyny Allanyň Resuly (s.a.w.) bilen birlikde okardyk. Her birimiz namaz okap çykan wagtymyz, atylan peýkamyň nirä baryp düşenini görüp bilýärdik».

336 Bäş wagt namazlaryň okalýan wagtlary

Jabyr ibn Abdylla Ensary Selemi (r.a.) şeýle diýipdir: «Allanyň Resuly (s.a.w.) adatça öýle namazyny günortadan soňra gündiziň yssysynda, ikindi namazyny heniz Gün ýagty saçyp durka, agşam namazyny Gün ýaşandan soň, ýassy namazyny bolsa käte ir, käte-de giç okardy. Eger ol adamlaryň metjide ýygnanandyklaryny görse, onda namazy wagty giräen mahaly başlardy, olaryň gijä galýandyklaryny gören wagty bolsa, namazy yza çekerdi. Ertir namazy babatda aýdylanda bolsa, olar (ýa-da Allanyň Resuly (s.a.w.)) ony töwerek garaňky wagty okardylar».

337 Çarwa araplaryň agşam namazyna ýassy namazy diýendikleri hakda

Abdylla ibn Mugaffel Müzeni (r.a.) şeýle diýipdir: «Allanyň Resuly (s.a.w.) aýtdy: «Hiç bir ýagdaýda siz agşam namazyňyzyň ady babatda bedewilere eýermäň».
Allanyň Resuly (s.a.w.) (ýa-da Abdylla ibn Mugaffel Müzeni): «Bedewiler agşama ýassy diýýärler» diýipdir.

338 Ýassy namazynyň wagty hakda

Musulmanlaryň enesi Äşe (r.a.) şeýle diýipdir: «Allanyň Resuly (s.a.w.) bir gije ýassy namazyny wagt giç bolýança gijikdiripdi. Bu heniz yslam ýaýramazdan öň bolup geçipdi. Ol gije Allanyň Resuly (s.a.w.) öz bagtyýar hüjresinden wagty bilen çykmady. Iň soňunda Omar gelip: «Ýa Allanyň Resuly, bu ýerdäki aýallaryň, çagalaryň hemmesi uklap galdylar» diýdi. Ondan soň Allanyň Resuly (s.a.w.) hüjresinden çykyp, metjitde oturanlara: «Häzir Ýeriň ýüzünde sizden başga şu namaza garaşýan ýokdur» diýdi».

339 Ýene ýassy namazyny gijäniň üçden birine ýa-da ýarysyna çenli yza çekmegiň artykmaç taraplary hakda

Abu Musa Abdylla ibn Kaýs Eşgary (r.a.) şeýle diýipdir: «Men we meniň bilen gämili Medinä gelenler bolup, Bakiýi-Buthäne inipdik. Allanyň Resuly-da Medinededi. Her gije ýassy namazy wagtynda biziňkilerden bäş-on kişi, nobatlaryna görä, Allanyň

Resulynyň ýanyna giderdi. Menem bir gezek arkadaşlarym bilen birlikde onuň ýanyna baranymda, Allanyň Resulynyň özüne degişli bir iş bilen meşguldygyny gördük. Şol sebäpli ol namazy gijäniň ýaryna çenli gijikdirdi. Soňra Allanyň Resuly (s.a.w.) bagtyýar hüjresinden çykyp, metjitde garaşyp oturanlara namaz okadyp boldy-da, ol ýerdäkilere ýüzlenip: «Gitmäge howlukmaň. Size buşlajak zadym bar! Adamlaryň arasynda sizden başga häzirki pursatda namaz okan hiç bir kişiniň bolmazlygy Allanyň size eçilen nygmatlaryndandyr» ýa-da: «Bu pursatda sizden başga namaz okan adam ýokdur» diýdi».
Rowaýatçy Allanyň Resulynyň (s.a.w.) bu iki jümläniň haýsysy bilen ol ýerdäkilere ýüzlenendigini Abu Musanyň anyk bilmändigini aýdýar.
Abu Musa (r.a.) sözüniň ahyrynda şeýle diýýär: «Şondan soň Allanyň Resulyndan (s.a.w.) bu sözleri eşidendigimize begene-begene, bolýan ýerimize dolandyk».

340 Ýassy namazyny şapak ýitenden soň gijäniň üçden birine çenli yza çekmegiň artykmaç taraplary hakda

Musulmanlaryň enesi Äşe (r.a.) şeýle diýýär: «Allanyň Resuly (s.a.w.) ýassy namazyny gije bir çene barýança gijikdiripdi. Iň soňunda Omar: «Namaza! Çagalar we aýallar uklady» diýip, onuň hüjresine tarap garap seslendi. Ondan soň Allanyň Resuly (s.a.w.) daş çykdy we: «Ýer ýüzündäki halklaryň hiç biri ýassy namazyny okaýan däldir» diýdi. Ol zamanlar Medineden başga ýerde namaz okalmaýardy, ýassy namazy-da şapagyň ýiten pursatyndan başlap, gijäniň üçden biri geçýänçä bolan aralykda okalýardy».
Ibn Apbasyň (r.a.) adyndan gürrüň berilýän bir rowaýatda-da bu sahaba şeýle diýýär: «…Birden Allanyň Resuly (s.a.w.) hüjresinden çykdy. Başyndan suw damyp duran halynda ellerini mübärek başyna goýup gelşi häzirem gözümiň öňündedir. Ol ýanymyza gelensoň: «Meniň tarapymdan ymmatyma muşakgat ýüklendigi bolmasady, bu namazy hemmeleriň şeýle okamakylaryny emr ederdim» diýdi».

341 Allanyň Resulynyň (s.a.w.) öz ellerini kellesinde nähili

edip goýandygy hakda

Ygtybarly bir rowaýatda gürrüň berlişine görä, Ibn Apbas (r.a.) Allanyň Resulynyň (s.a.w.) ellerini kellesinde nähili edip goýandygyny şeýle beýan edipdir: «Allanyň Resuly (s.a.w.) barmaklarynyň arasyny biraz açyp, soňra barmaklarynyň uçlaryny depesinde goýdy. Soňra barmaklaryny birleşdirip, elini kellesiniň üstünde gezdirip, bäş barmagyny ýüzi boýunça aşak – gulagynyň ýumşak etine we sakgalynyň ujuna çenli inderdi. Şeýdip birnäçe gezek gaýtalan mahaly onuň eliniň hereketi haýalam, çaltam däldi».

342 Allanyň Resulynyň (s.a.w.) barmagyndaky ýüzük hakda

Ygtybarly çeşmeler arkaly Enesiň (r.a.) adyndanam beýan edilen bu hadysyň soňunda Enes: «Allanyň Resulynyň (s.a.w.) ýüzüginiň ýalpyldysy häzirem gözümiň öňünde» diýipdir.

343 Ikindi we ertir namazlarynyň artykmaç taraplary hakda

Abu Musa Eşgary (r.a.) şeýle diýipdir: «Allanyň Resuly (s.a.w.): «Kim ertir we ikindi namazyny okasa, jennete girer» diýdi».

344 Ertir namazyny wagty giräen badyna okandyklary hakda

Enes (r.a.) şeýle diýipdir: «Zeýt ibn Sabyt Ensary (r.a.) maňa Allanyň Resuly (s.a.w.) bilen selälik naharyny iýenlerinden soň namaza durandyklaryny habar berdi. Men ondan: «Selälik bilen namazyň aralygyna näçe wagt saldyňyz?» diýip soradym. Ol: «Elli ýa-da altmyş aýat okap bolaýjak wagt saldyk» diýip jogap berdi».

345 Selälikden soň ertir namazyna howlugylyp gidilmegi

Sehl ibn Sagt Sagyt i (r.a.) şeýle diýipdir: «Öýümde selälik edinerdim-de, ertir namazyny Allanyň Resuly (s.a.w.) bilen okamaga ýetişmek üçin, öýümden çykmaga howlugardym».

346 Ertir namazyndan soň Gün dogýança, ikindi namazyndan soňam

Gün batýança namaz okamagyň gadagandygy hakda

Abdylla ibn Apbas (r.a.) şeýle diýipdir: «Köp sanly takwa adamlar (olaryň arasynda iň takwasy Omar ibn Hattapdyr (r.a.)) Allanyň Resulynyň (s.a.w.) ertir namazyndan soňra Gün dogýança, ikindi namazyndan soňra-da Gün batýança namaz okamagy gadagan edendigine meniň ýanymda şaýatlyk edipdiler».

347 Gün dogup barýarka we ýaşyp barýarka namaz okamagyň halanmaýandygy (keraheti) hakda

Abdylla ibn Omar (r.a) şeýle diýipdir: «Allanyň Resuly (s.a.w.): «Okajak namazyňyzy Günüň dogýan wagtyna-da, ýaşýan wagtyna-da gabat getirmäň» diýdi». Ýene Ibn Omar (r.a.) şeýle diýipir: «Allanyň Resuly (s.a.w.): «Günüň çeti görnüp, tä ol ýokary galýança, Günüň çeti ýere girip, tä gözden ýitýänçä, namaz okamagy yza çekiň» diýdi».

348 Allanyň Resulynyň (s.a.w.) ertir namazyndan soň Gün dogýança, ikindi namazyndan soňam Gün batýança namaz okamagy gadagan etmegi hakda

Abu Hüreýräniň (r.a.) adyndan beýan edilen 239-njy hadysda Allanyň Resulynyň (s.a.w.) iki hili alyş-berşi we iki hili geýinmegi gadagan edendigi aýdylýardy. Bu ýerdäki rowaýatda bolsa şol öňki aýdylanlar gaýtalanyp, diňe şu sözler artdyrylýar: «Birem iki hili namazdan: ertir namazyndan soň Gün dogýança, ikindi namazyndan soňam Gün batýança namaz okamagy gadagan etdi».

349 Ikindi namazyndan soň okalan iki rekagat namazyň gadagan edilmegi

Mugawyýa ibn Abu Sufýan (r.a.) ikindi namazyndan soň okalan iki rekagat namazy göz öňünde tutup, şeýle diýipdir: «Siz şeýle bir namaz okaýarsyňyz. Allanyň Resuly (s.a.w.) bilen şonça wagtlap bile bolsagam, onuň ýaly namaz okanyny hiç görmedik. Tersine, ol bu namazy okamagy gadagan edipdir».

350 Allanyň Resulynyň (s.a.w.) ikindi namazyndan soň mydama iki rekagat namaz okandygy hakda

Musulmanlaryň enesi Äşe (r.a.) ikindi namazyndan soňra okalan iki rekagat namazy göz öňünde tutup, şeýle diýipdir: «Allanyň Resulyny (s.a.w.) ýanyna alan Alladan ant içýärin: ol Allatagala gowuşýança, hiç mahal bu iki rekagat namazy terk etmedi. Namaz okamaga güýji ýetmän, bu iki rekagaty okamak agyr düşýänçä-de, Allatagala gowuşmady. Ol namazlarynyň bir toparyny oturyp okardy. Ol bu namazy-da okardy, ýöne ymmatyna agyr düşmeginden gorkusyna, ony metjitde okamazdy. Ol ymmatyna ýeňil düşjek zatlary gowy görerdi».

351 Ertir namazynyň öňündäki iki rekagat namazy we ikindi namazyndan soňky iki rekagat namazy Allanyň Resulynyň (s.a.w.) hiç haçan terk etmändigi hakda
Ýene Äşe (r.a.) şeýle diýipdir: «Allanyň Resulynyň (s.a.w.) öýünde-de, öýünden daşarda-da terk etmedik iki sany namazy bardyr. Olaram ertir namazyndan öňki iki rekagat namaz bilen, ikindi namazyndan soňky iki rekagat namazdy».

352 Wagtynda okalmadyk ertir namazynyň soňra nähili edilip okalmalydygy hakda

Abu Katada Harys ibn Rybgyý (r.a.) şeýle diýipdir: «Bir gije Allanyň Resuly (s.a.w.) bilen birlikde ýola çykypdyk. Aramyzdan biri: «Ýa Allanyň Resuly, gije tamamlanyp barýar, düşlemegi emr edäýseň!» diýdi. Allanyň Resuly (s.a.w.) oňa: «Uklap, namazy geçirermikäňiz diýip gorkýaryn» diýip jogap berdi. Onda Bilal: «Men sizi oýararyn» diýdi. Şeýdip uka gitdiler. Bilalam arkasyny öz münüp gelen düesine ýaplap oturyşyna, namaz wagtyna garaşmaga başlady. Birden onuňam gözleri ýumlup, uka gitdi. Allanyň Resuly (s.a.w.) oýanan wagty Günüň bir çeti görnüpdi. Ol: «Bilal, beren sözüňe näme boldy?» diýdi. Bilalam: «Meni şu güne çenli munuň ýaly agyr uky basan däldir» diýip seslendi. Ondan soň Allanyň Resuly (s.a.w.): «Allatagala islän wagtynda ruhlarymyzy aldy. Ýene islän wagty hem yzyna dolady. Bilal, galk, azana gygyr» diýdi.

Şondan soň Bilal adamlary namaza çagyrdy, ýagny azan aýtdy. Allanyň Resuly (s.a.w.) täret aldy. Gün ýokary galyp, gowy ýagtylan wagtda-da ýerinden turup, namaz okatdy».

353 Terk edilen namazlaryň nähili edilip okalmalydygy hakda

Jabyr ibn Abdylla Ensary (r.a.) şeýle diýipdir: «Handek söweşiniň bolan güni Omar ibn Hattap (r.a.) Gün ýaşandan soň gelip, kuraýyş kapyrlaryna sögmäge başlady. Soňra ol: «Ýa Allanyň Resuly, Gün ýaşjak-ýaşjak bolýança, ikindi namazyny okap bilmedim» diýdi. Allanyň Resuly (s.a.w.): «Walla, men-ä ony okamadymam» diýip seslendi. Ondan soň ýerimizden turup, Buthan diýilýän ýere gitdik. Ol ýerde Allanyň Resuly (s.a.w.) namaz okamak üçin täret aldy. Bizem namaz täretini aldyk. Ondan soňra Gün batandan soň ikindi namazyny, onuň yzyndanam agşam namazyny okatdy».

354 Haýsydyr bir namazy okamagy ýadyndan çykaran kişiniň ony ýadyna düşen wagty okamalydygy hakda

Enes ibn Mälik (r.a.) şeýle diýipdir: «Allanyň Resuly (s.a.w.): «Kim bir namazyny okamagy unutsa, ýadyna düşen wagty okasyn. Unudylan bu namazyň öwezini şondan başga dolup biljek zat ýokdur. «Meni ýatlamak üçin namaz oka» («Taha» süresiniň 14-nji aýaty). diýdi».

355 Namaz okamak üçin garaşýan kişiniň şol garaşan wagtynyň namaz okan hasaplanýandygy hakda

Ýene Enes (r.a.) şeýle diýipdir: «Allanyň Resuly (s.a.w.): «Siz namaz okamak üçin näçe garaşsaňyz, şonça wagtlap namaz okadygyňyz hasapdyr» diýdi».

356 «Ýüz ýyla çenli wagtyň içinde bu gün Ýer ýüzünde bolanlardan hiç kim galmaz» hadysy we Abdylla ibn Omaryň oňa beren düşündirişi. Bu babatda Abdylla ibn Omaryň gürrüň beren hadysy

Bu ýerde öň beýan edilen 96-njy hadys ýene gaýtalanýar. Bu

ýerde-de Abdylla ibn Omar (Alla olaryň ikisindenem razy bolsun!) Allanyň Resulynyň (s.a.w.): «Ýüz ýyla çenli wagtyň içinde bu gün Ýer ýüzünde bolanlardan hiç kim galmaz» diýendigini aýdandan soňra: «Allanyň Resuly (s.a.w.) beýle diýmek bilen ol nesliň şu döwrüň içinde ýogalyp gutarjakdygyny habar bermek isleýärdi» diýipdir.

357 Suffede ýaşaýan garyp sahabalaryň özlerini oňarýan sahabalaryň öýlerinde naharlanmagy hakda

Abdyrahman ibn Abu Bekr (Alla ikisindenem razy bolsun) şeýle diýipdir: «Suffe sahabalary garyp adamlardy. Bir gezek Allanyň Resuly (s.a.w.): «Iki kişi iýer ýaly zady bolan üçünjini, dört kişi iýer ýaly zady bolan bäşinjini ýa-da altynjyny ýany bilen alyp gitsin» diýdi. Ýa-da şuňa meňzeş bir söz aýtdy. Abu Bekr olardan üçüsini öe getirdi. Allanyň Resuly-da (s.a.w.) on adamy öz ýany bilen öýüne alyp gitdi. Biziň öýümizde ýaşaýanlar menden, kakamdan we ejemden, birem biziň öýümiz bilen Abu Bekriň (r.a.) öýünde hyzmat edýän hyzmatkärden ybaratdy».
Rowaýatçy Abu Osman Nehdi şu ýerde hadysyň arasyny kesip: «Birem: «Meniň aýalymdan» diýendigini ýa-da diýmändigini bilmeýärin» diýýär we Abdyrahmanyň (r.a.) sözüni şeýle dowam edýär: «Abu Bekr (r.a.) öz myhmanlaryndan aýrylykda Allanyň Resulynyň (s.a.w.) öýünde agşam naharyny iýdi. Soňam ýassy namazy okalýança, ol ýerde galdy. Soňra myhmanlary bilen birlikde öýüne dolanyp, öýündäkilere myhmanlara hezzet-hormat etmegi tabşyryp, Allanyň Resuly (s.a.w.) agşam naharyny iýýänçä öz öýünde galdy. Soňra ýene Allanyň Resulynyň öýüne gidip, onuň ýanynda birnäçe wagtlap oturandan soň, öz öýüne dolandy. Ol gelende gijäniň esli bölegi geçipdi. Aýaly ondan: «Seni myhmanlaryň ýanynda bolmakdan näme sakylady?» diýip sorady. Ol hem: «Sen näme olara henizem nahar bermediňmi?» diýip azgyryldy. Aýaly: «Sen gelýänçäň, nahar iýmejekdiklerini aýtdylar. Nahar äberdik, kabul etmediler» diýdi.
Men bildirmän gizlenmekçi boldum. Ol maňa: «Päheý akylsyz, utançsyz ýigit!» diýip käedi we sögmäge başlady. Soňam gahar

bilen: «Iýeniňiz siňmez bolsun. Men bu nahardan, walla, iýjek däl» diýdi.
Alladan kasamlar edýärin: biz bir lukma alýardyk, şony alan ýerimizdäki nahar bolsa öňküsindenem köpelýärdi. Myhmanlar ahyry doýdular. Nahar bolsa başdakysyndanam has köpelipdi. Abu Bekr (r.a.) nahara seretdi. Ol naharyň öňküsi ýaly, belki, ondanam köp bolup durandygyny gördi. Ol aýalyna: «Eý, firas tiresiniň gyzy, bu näme boldugy?» diýip ýüzlendi. Olam: «Gözümiň nury Allanyň Resulyndan (s.a.w.) ant içýärin, nahar başdakysyndan üç esse köpdür» diýdi. Ondan soň Abu Bekrem nahardan iýdi hem-de bu nahardan iýmejekdigi hakynda ýaňky eden kasamyny göz öňünde tutup: «Ol şeýtanyň işidi» diýdi. Ol naharyň bir bölegini iýenden soň, ony Allanyň Resuly (s.a.w.) iberdi. Nahar ol ýerde ertire çenli durdy.
Biz bir kowum bilen birek-biregiň üstüne çozmazlyk barada şertnama baglaşypdyk. Ol şertnamanyň möhleti tamamlanandan soň olar Medinä gelipdiler. Olaryň aryplaryndan on iki adamy saýlap aldyk. Olaryň her biriniň ýanynda näçe adam bardygyny diňe Alla biler. Ine, olaryň hemmesi şol nahardan iýip doýdular».
Rowaýatçy rowaýatyny tamamlandan soň: «Ýa-da şuňa meňzeş sözler bilen gürrüň berlipdir» diýýär. Gurhany öwreniş we Hadys ylmy